TÜRKMENISTANYŇ
MALIÝE WE
YKDYSADYÝET
MINISTRLIGI

744028, Türkmenistan, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156
Tel.: 39-45-05; Faks: 98-21-35
E-mail: omeft@online.tm

MINISTRY
OF FINANCE
AND ECONOMY
OF TURKMENISTAN

744028, 156, Archabil avenue, Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 39-45-05; Fax: 98-21-35
E-mail: omeft@online.tm

«18» 04 2022ý. № 12/Mln-2727

**Ministrliklere we pudak edaralaryna**

**Aşgabat şäher we Welaýatlaryň häkimliklerine**

**Eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalara, guramalara we hususy telekeçilere**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda ""Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Girizilen üýtgetmelere laýyklykda, şu kanunyň 157-nji maddasynyň 7-nji bölüminde "Esasy serişdelere hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň anyk möçberleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylan, esasy serişdeleriň toparlara bölünen görnüşlerine hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberleriniň çäginde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanylýar." diýip bellenilen. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň "Esasy serişdelere hasaplanylýan ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberlerini tassyklamak hakynda" 2012-nji ýylyň 10-njy fewralyndaky 12053 belgili karary bilen tassyklanan, esasy serişdeleriň toparlara bölünen görnüşlerine hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň anyk möçberleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2021-nji ýylyň 27-nji oktýabryndaky 394-ö belgili buýrugy bilen tassyklandy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda 1539 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy.

Esasy serişdelere hasaplanylýan ulanyş tutumlarynyň anyk möçberleri boýunça salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaga degişli ulanyş tutumlary hasaplanylmaga degişlidir. Ýagny, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda salgytlar we ýygymlar hasaplanylanda aýyrmalara goşulýan esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary, esasy serişdäniň görnüşine baglylykda diňe takyk anyk möçberler boýunça hasaplanmalydyr.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynda bolsa, häzirki döwürde hereket edýän Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 10-njy fewralyndaky 12053 belgili karary bilen tassyklanan aňryçäk möçberleriň çäginde ykdysady subýektiň hasaba alyş syýasatynda bellenen möçberler ulanylmalydyr.

Şol bir wagtda, ykdysady subýektiň hasaba alyş syýasatynda bellenen ulanyş tutumlaryň möçberleri salgyt babatynda peýdalanylmaga degişli anyk möçberler bilen gabat gelip biler.

Şeýle-de, salgyt babatynda ulanyş tutumyň anyk möçberi kesgitlenilmedik esasy serişdeleriň görnüşleri boýunça ulanyş tutumlary ykdysady subýektiň hasaba alyş syýasatynda bellenen möçberler boýunça hasaplanmaga degişlidir.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynda we salgyt babatynda ulanylýan esasy serişdeleriň ulanyş tutumlarynyň möçberleri gabat gelmedik halatynda ýüze çykýan wagtlaýyn tapawutlar degişliligi boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 12-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alnan täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 19 "Peýdadan alynýan salgytlar" hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 1-nji aprelindäki 57-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 16-njy aprelinde 686 san bilen bellige alnan Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartynyň 19-njy bölegine laýyklykda hasaba alynmaga degişlidir.

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 12-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alnan "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 6-a laýyklykda, salgyt babatynda peýdalanylmaga degişli anyk möçberleri,

hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri geljegi göz öňünde tutup ulanmak we buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgemeleriň täsirini ykrar etmeli, ýagny buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgemetleriň täsirini häzirki döwürde we üýtgetmeleriň täsiri ýetýän geljekki döwürlerde ykrar etmeli. 2022-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje giren salgyt babatynda ulanyş tutumyň anyk möçberleri 2022-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň satyn alnan esasy serişdelere hem degişlidir. Ýagny, mysal üçin 2020-nji ýylda satyn alnan esasy serişdäniň ilkibaşdaky bahasy 15000 manat. Buhgalterçilik hasaba alnyşynda oňa ulanylan ulanyş tutumyň ýyllyk möçberi 25% (göterim), salgyt maksatlarynda ulanylýan ulanyş tutumyň ýyllyk möçberi 10% (göterim):

| | Esasy serişdäniň ilbaşdaky bahasy | 2020 ýyl | 2021 ýyl | 2022 ýyl | 2023 ýyl | 2024 ýyl | 2025 ýyl | 2026 ýyl |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça (BHA) | 15000 (manat) | 3750 | 3750 | 3750 | 3750 | | | |
| Salgyt maksatlarynda (SM) | 15000 (manat) | 3750 | 3750 | 1500 | 1500 | 1500 | 1500 | 1500 |
| Wagtlaýyn aratapawut (=BHA-SM) | | 0 | 0 | 2250 | 2250 | -1500 | -1500 | -1500 |

Ýokardaky tablisadan görnüşi ýaly ulanyş tutumy boýunça wagtlaýyn aratapawut "salgyt aktiwi" hökmünde ýüze çykýar. Peýda üçin salgydyny tölemek üçin wagtlaýyn aratapawudyň möçberi 2250 (3750-1500) manat. Onuň netijesinde ýüze çykýan 450 (2250*20%) manat möçberde gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwi bolsa, aşakdaky ikitaraplaýyn ýazgylar arkaly hasaba alynmaga degişlidir:

| **Debet** | **Kredit** | **Möçberi** |
|---|---|---|
| 621941 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwi" | 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" (Peýdadan alynýan salgyt) | 450,00 |

Ýokardaky mysalyň dowamynda 2024-nji ýyldan başlap wagtlaýyn aratapawut öň salgyt aktiwi hökmünde jemlenen bolsa, mundan beýläk azaldylar 300 (1500*20%) manat möçberde, hem-de şu aşakdaky buhgalterçilik ýazgylar geçirilýär:

| Debet | Kredit | Möçberi |
|---|---|---|
| 631951 “Tölenmäge degişli býujete tölegler” (Peýdadan alynýan salgyt) | 621941 “Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwi” | 300,00 |

Ondan başga-da, şu aşakdaky görnüşinde hem ulanyş tutmlarynyň möçberleri boýunça aratapawut bolup biler, ýagny, mysal üçin 2020-nji ýylda satyn alnan esasy serişdäniň ilkibaşdaky bahasy 10000 manat. Buhgalterçilik hasaba alnyşynda oňa ulanylan ulanyş tutumyň ýyllyk möçberi 12,5% (göterim), salgyt maksatlarynda ulanylýan ulanyş tutumyň ýyllyk möçberi 20% (göterim):

| | Esasy serişdäniň ilbaşdaky bahasy | 2020 ýyl | 2021 ýyl | 2022 ýyl | 2023 ýyl | 2024 ýyl | 2025 ýyl | 2026 ýyl | 2027 ýyl |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça (BHA) | 10000 (manat) | 1250 | 1250 | 1250 | 1250 | 1250 | 1250 | 1250 | 1250 |
| Salgyt maksatlarynda (SM) | 10000 (manat) | 1250 | 1250 | 2000 | 2000 | 2000 | 1500 | | |
| Wagtlaýyn aratapawut (=BHA-SM) | | 0 | 0 | -750 | -750 | -750 | -250 | 1250 | 1250 |

Ýokardaky tablisadan görnüşi ýaly ulanyş tutumy boýunça wagtlaýyn aratapawut “salgyt borçnamasy” hökmünde çykýar. Peýda üçin salgydyny tölemek üçin wagtlaýyn aratapawudyň möçberi 750 (1250-2000) manat. Onuň netijesinde ýüze çykýan 150 (750*20%) manat möçberde gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamasy bolsa, aşakdaky ikitaraplaýyn ýazgylar arkaly hasaba alynmaga degişlidir:

| Debet | Kredit | Möçberi |
|---|---|---|
| 631951 “Tölenmäge degişli býujete tölegler” (Peýdadan alynýan salgyt) | 631942 “ Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamalary” | 150,00 |

Ýokardaky mysalyň dowamynda 2026-njy ýyldan başlap wagtlaýyn aratapawut öň salgyt borçnamasy hökmünde jemlenen bolsa,

mundan beýläk azaldylar 250 (1250*20%) manat möçberde, hem-de şu aşakdaky buhgalterçilik ýazgylar geçirilýär:

| Debet | Kredit | Möçberi |
|---|---|---|
| 631942 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamalary" | 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" (Peýdadan alynýan salgyt) | 250,00 |

Bu iki mysaldan görnüşi ýaly ulanyş tutumy harajatlar hökmünde haýsy salgytda ýa-da ýygymda (oba hojalygy boýunça ýygym, abadanlaşdyrma boýunça ýygym we ş.m.) göz öňünde tutulan bolsa, şol derejede 621941 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwi" ýa-da 631942 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamalary" hökmünde jikme-jik hasaplarda ýöredilmeli.

Esasy serişdeleriň toparlara bölünen görnüşlerine hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň anyk möçberleri www.fineconomic.gov.tm atly saýtynda "Hukuk namalar/Maliýe hasabatlary" salgysynda ýerleşdirilendigini Siziň dykgatyňyza ýetirýäris.

**Ministr** **M. Serdarow**

Ýerine ýetiriji: 39-43-61, 39-46-46